Polo-4 topardan ybarat 2 toparyň,diametri 10 sm bolan topy ellerine ýörite taýak bilen urýan oýny. Maksady garşydaş toparyň derwezesine topy salmak.

Adatça polo oýuny 300 yard (274,32 m) giňişlikdäki ot meýdançasynda oýnanylýar.

Oýun ilkinji gezek miladydan öňki VI asyrda Eýranda döräpdir diýip çaklanylýar.

Polo aslynda atlylar üçin we köplenç patyşanyň garawullary ýada beýleki saýlama goşunlar üçin türgenleşik oýnydy.



Söweşiji taýpa agzalary bu oýny bir tarapda 100 adam bolup oýnaýardylar.Muňa başgaça kiçiräk söweş diýsek hem ýalňyş bolmaz.

Miladydan soňky 2000-nji ýyllardan bäri Merkezi Aziýa türgenleriň arasynda Çewgen atly oýun hökmünde oýnalýan bu oýun wagtyň geçmegi bilen Aziýanyň hemme ýerinde oýnaldy.

Iňlisler 1800-nji ýyllarda Hindistana syýahat edenlerinde bu oýny görenlerinden soň Ýewropa göçürildi.Wagtyň geçmegi bilen iňlis begleriň arasynda giňden ýaýrap,iňlisleriň

Все права защищены

milli oýununa öwrüldi.

Polo çempionaty ilkinji gezek 1987-nji ýylda geçirildi.Toparlaryň oýunçylary ýeňiş üçin adalatly pursat bermek üçin 14 oýunçy bilen çäklenýär.Häzirki wagtda iň üstünlikli ýurtlar hökmünde Brazilýa, Argentinany görkezmek bolar.Oýunlar adatça 3 ýyl aralyk bilen gurnalýar.

**Mamajan ORAZMEDOWA**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň talyby**

Все права защищены